# Gygyrmak bilen

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Gygyrmak bilen GYGYRMAK BILEN



Gapyl ýatma, adam, tur işiñi gör,
Geçdi kerwen, durmaz gygyrmak bilen;
Ajal gelip, tutar ýakañdan bir gün,
Tutansoñ, aýrylmaz çygyrmak bilen.
Azygyñ taýýar et, ýagşy çag – bu çag,
Ara gorkulydyr, gerekdir ýarag,
Tetärik kem, wagt teñ, menziliñ-ýyrag,
Ýetdirmez özüñe zarp urmak bilen.

Rast ýol barka, egri ýola gider sen,
Neçün beýle özüñ asy eder sen,
Aga-döne gedem-gedem äder sen,
Goýmazlar parahat bu ýörmek bilen.

Pelek tora salar ahyr aldaýyp,

Sen ondan bihabar gezer sen gaýyp,
Ýörer sen, "dünýäni tutaýyn" diýip,
Tutdurmaz bu dünýä ýüwürmek bilen.

Aýama diländen elde bar zadyñ,
Jan öýünden ber diñläne öwüdiñ,
Garyp bolsa ady bolmaz ýigidiñ,
Tutanda daglary oburmak bilen.

Söweş güni mert ýarasyn baglamaz,
Namart gaçar, dönüp soñun saglamaz,
Akly bolan ölüsine aglamaz,
Ölen dirilermi bagyrmak bilen?

Wagtyna ýetmeýin, baglar bar almaz,
Hazan ýeli çalman, gül reñgi solmaz,
Adam häsiýetin adam hiç bilmez,
Köp bile gezişmän, bir görmek bilen.

Ele düşse ziba, perizat gyzy,
Arwahyñ almasa, ýakmaz owazy;
Köñül islemez ýerden bir ýaman sözi,
Eşitseñ iç gysar sygyrmak bilen.

Gardaşyñ gardaşa sözi ötmese,
Gadyrly bolmasa, köñli ýetmese,
Ýüregi sap bolup, içi bitmese,
Ne magna ýüzüne ýylgyrmak bilen.

Ogry girmez, oba içinde ot görse,
Goýun ýatmaz, agylynda gurt görse,
Är öýüne är ger, mylakat görse,
Ýüz tapmasa, gelmez çagyrmak bilen.

Zeliliniñ watan çykmaz serinden,
Aglap gezer, kim aýrylsa ýerinden,
Süññi haramylar gaýtmaz raýyndan,
Ýaşy gaýdyp, sakgal agarmak bilen.